# Ýollar – kenarlar

Category: Goşgular,Kitapcy,Ýatlamalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýollar – kenarlar

ÝOLLAR –KENARLAR

Ýene yşgalaňlar salyp kalbyma
Ýollar salamlaşdy, baglar yrandy.,
Dyňzän söýgi, öz iginden çözülüp,
Üşän pudak-şahalara orandy.

Ýatlamalar, golda durmaz çaga deý,
Goltugumdan dyzap çykýar bikarar.
Nirä barýaň? Köçelerden, şäherden,
Gel bikarar göwnüm, bir az al karar!

Meýdandaky  çüwdürim deý syçyrap,
Oýlanmalam pürküp çykýar döşümden,
Ten gapasa, gapas tene sygmaýar,
Bir bahana, sypjak bolýar duşumdan.

Uzakda däl bu deňiziň lemmeri.
Gujaklandyr ol kenrlaň tolkunun.
Şol tolkuna garyp gelen çaňňany,
Getirendir meň şährime ýelkenim

Bir halta-da, peşgeş beren çaňňalam,
Ol kenarlaň ysyn berse bes maňa.
Ýatlamalar çägecöwden ylgaşlap,
Pesje gumda  ýöräp dursa bes maňa.

Ýollar şäherleri tirkedi yzlyn.
Men seniň ysyňy yzladym gizlin.
Tebigata (suwa-çöle-asmana),
Gül ysyň siňipdir eý ala gözlim.

Goşgular